# Bedew atly Gypjagym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bedew atly Gypjagym BEDEW ATLY GYPJAGYM

Billeri kuwwatly, babyr bilekli,
Ýowda ýortan gerçekler deý ýürekli,
Gelinden mähirli, gyzdan gylykly,
Ahal-teke bedew atly Gypjagym.

Diýerler: at çapmaz, ykbal çapýandyr,
Toýnaklañ astyndan otlar çykýandyr,
Çyn bedewi gara görip ýykýandyr,
Sabyrly, ykbally, mally Gypjagym.

Guşa ganat, bedewlere aýdyñ ýol,
Ak arzuwy gaýdyrmasyn gara ýel,
Meleguş, Päliwan, Mergen hem Kepban,
Kanal bilen dolup-daşan Gypjagym.

Ykbalyma uýdum, keýplerim çagdyr,
Säherler nurana, ak gündiz çogdur,
Gülaýym görküñe Nejebi çoýdyr,
Ýazlarda çyrpynýan çaýly Gypjagym.

Sarpa goýup, söýsem eziz obamy,
Kabul etse şükürimi, tobamy,
Aşyr gala bagyş eýläp «Balamy» –
Ýagty ýadygärlik diken Gypjagym.

Pelleçi bor bedewleriñ türpesi,
Ýagşy hörek, kem bolmasyn arpasy,
Oraz agañ öz iline sarpasy –
Mirasyña melhem bolsun Gypjagym.

15.08.96 ý. Goşgular